# Mongollaryñ «ajal ýylany» hakykatdanam barmyka?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mongollaryñ "ajal ýylany" hakykatdanam barmyka? MONGOLLARYÑ «AJAL ÝYLANY» HAKYKATDANAM BARMYKA?

Gobi çölüniñ ýakyp-ýandyryjy çägeleriniñ astynda mongollaryñ adyny agzamaga gorkýan we bir seredende adamyñ janyny alýandygyna ynanylýan eýmenç jandar ýaşaýar. Bu jandara «içege soguljany» (Allghoi khorkhoi) diýilýär. Gyzyl reñkli ýylana meñzeýän bu mahluklaryñ ady sygyryñ içegesini ýatladýandygyndan galypdyr. Mongol halkynyñ aglaba bölegi bu jandaryñ hakykatdanam barlygyna ynanýar. 2-5 metr aralygynda uzynlygynyñ bardygy aýdylýan bu jandaryñ ýerden duýdansyz ýagdaýda zompa çykyp kislota pürkýändigine ýa-da uzak aralykdan elektrik energiýasyna meñzeş awuly tolkun bilen pidasyny öldürýändigine ynanylýar. Mongollaryñ aýtmagyna görä «ajal ýylany» öz pidalaryny akdyryp taşlaýan kislotapisint madda arkaly öldürýär. Ol hüjüm etjek mahaly göwresiniñ ýarsyna çenli dik ýokary galýamyş we awusyny pürkýänçä çişýämiş. Awusyny pürken wagtynda howply zäher dört tarapa ýaýraýarmyş.
Çeh alymy Iwan Maskerle «ajal ýylanynyñ» ýaşaýan ýerlerini öwrenmek bilen birlikde, mongollaryñ birnäçesi bilen gürrüñdeş boldy. Alym ýygy-ýygydan duş gelýän geñ-tañsy ölümlerdir, şaýatlaryñ tom-tom kitaplara tema bolup biljek görkezmelerine esaslanyp, «ajal ýylanynyñ» boş gürrüñ däldigine ynandy. Şaýatlardan biri «çagalyk ýyllarynda çöle gelen günbatarly barlagçylardan bir geologyñ ýere gazyk kakyp durka duýdansyz ýagdaýda ýykylyp ölendigini we soñrak gumuñ içinden semiz bir soguljanyñ wakanyñ bolan ýerinden uzaklaşandygyny» gözi bilen görendigini gürrüñ berdi.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy

wakalar